# Kyrkynjy ýyllaryň türkmen prozasy: taryhy epopeýa bilen ýüzbe-ýüz-2/ dowamy

Category: Edebiýaty öwreniş,Kitapcy,Oýlanmalar,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025

Kyrkynjy ýyllaryň türkmen prozasy: taryhy epopeýa bilen ýüzbe-ýüz-2/ dowamy B.Kerbabaýewiň «Baýram» (1934) powesti bolsa kolhoz gurluşygy ýyllarynyň durmuşyny, ýagny rewolýusiýadan soňky sosialistik hakykaty has giň görkezmäge edilen şowly synanyşyklaryň biridir.

Şu ýerde taryhy temadan bolmasa-da, häsiýeti açmakdaky täsin tejribesi bolany üçin bu powest bilen «Aýgytly ädim» romanynyň gahrymanlarynyň häsiýetinden deňeşdirme getirmek gyzykly bolardy.

Hakykatdan hem, «Aýgytly ädim» romanyndaky Artygyň obrazy bilen Baýramyň obrazynda birnäçe meňzeş taraplar bar. Mysal üçin, Baýram hem Artyk ýaly baýlaryň-kulaklaryň ganym duşmany. Ýazyjy powestiň başynda oba şurasynyň ýygnagynda Baýramy şeýle suratlandyrýar: «Ol otlukly gözlerini töweregine gezdirdi, özüniňki ýaly bir gozgalaňy Gandymyň-da, Sazagyň-da, Kürräniň-de, başga birnäçeleriniň-de gözünde gördi. Şonuň üçin ol aýasynyň jaýryklarynda guş guzlap biljek elini ileri uzatdy-da, öňe bakan bir ädim ätledi, gazap bilen gygyrdy:

– Erinleri endik eden mugthorlar «Dogry-da, dogry…» diýip gygyryşýarlar. Nireden dogrumyşyn? Galat aýdýarsyňyz! – Ol oba şura başlygyna bakan elini salgady – Sen obadan baý tapmaýan bolsaň, men olary ýeke-ekeden görkezeýin. «Baý ýok» diýmäge seniň neneň diliň öwrülýär?! Çaryýar baý dälmi? Allamyrady unutdyňmy?… Ol ýer dymyp oturan Sadyk kim? Onuň näçe batragy bar? Ynha, bu ýüzi jozzuk ýaly bagjygyny çigişdirip oturan söwdagär dälmi? Öz ataň mallyny ýadyňdan çykardyňmy?»26.

Baýramyň ýygnakda baýlary paş etmekdäki batyrlygy, hyjuwy, ganygyzgynlygy Artygyň gözsüz batyrlyk, gyzmalyk hereketlerine

meňzeş. «Aýgytly ädim» romanyňyň birinji kitabynda mirap saýlawy barada gürrüň gidýär.
«Çynlakaý tekliplerden biri miraplygy bu ýyl Artyga bermek boldy. Emma bu günki ýygnak tötänden bolany üçin, Artyga müwessa goýanlaryň köpüsi märekede ýokdy. Eýsem-de bolsa, onuň tarapyny çalyp: «Bolýa, hakykat bolýa» diýen adamlar tapyldy. Emma Mele baý oňa garşy çykdy…
…Soňragyndan gelen Halnazar baý Mele baýyň sözüni tassyklap, bir zat aýtmaga hyýallananda, onuň ogly Bally geçiň öň aýagy ýaly bolup, atasyndan öňe düşdi.
– Çerkez aga, sen nähili gürrüň edýärsiň? Nikasy bolmadygyň, ýer, suwda hilesi bolmadygyň mirap bolmaga nähili haky bolar. Artygyň iti barmy ýalagy bolarça?
Artygyň atasy garyp bolany üçin wagtynda öýermänine, ýer-suwdan haky bolmanyna, deň gepleşip bilmänine ozaldan hem içi ýanyp otyrdy, gazabyny nirä dökjegini bilmeýärdi. Ballynyň soňky sözi oňa belli-beter hem otly köýnek geýdirdi. Ol aýagynyň aşagy ýaýly ýaly towsup galdy.
– Bally han, miraplygy niräň gowuz bolsa, şoňa dyk! Emma itiň biri ýaly jabjynma-da, agzyňy ýyg. Bolmasa otuz ikiňi birden owradaryn!
Artyk bilen oglanlykdan mäşi bişişmeýän, aslynda Artygy äsgermeýän Balla beýle gaýtawul örän ýokuş degdi. Onuň gany lapba gyzdy-da, galyň dodaklary müňküldedi.
– Ýygmanda nädersiň?
– Agzyny gan ýalan ganjygyň agzyna döndererin!..
Ine garalyp geçilen mysaldan görnüşi ýaly, Artygyň ganygyzgynlygy onuň baýlara bolan ýigrenji bilen berk utgaşýar. Netijede bolsa belli baýyň ogluny uly märekede masgaralamaga-da het edýär. Şu ýerdenem Artygyň adalatsyzlyga, baýlaryň eden-etdiligine göreşi başlanýar. Eseriň ahyrynda bu göreşiň sosial göreşe ösüp geçýändigini biz bilýäris. Emma «Baýram» powestinde görüp geçen mysalymyz Baýramyň baýlary ýok etmäge şeýle hyjuwlydygyny görkezse-de, şeýle göreşiň dowamyny görüp bilmeýäris. Sebäbi Baýramyň okuwa gitmegi hem-de baýlaryň kulak hökmünde ýok edilmegi bilen garşylyk gutarýar. Baýram okuwdan gelenden soň durmuşda, söýgi meselesinde hem

hiç hili garşylyk döremeýär. Şonuň üçin Baýramyň öňki hyjuwly häsiýeti, durmuşyň beýleki meselelerine bolan garaýşy, durmuşy has gowulandyrmakdaky göreşi içki oýlanmalary bilen utgaşdyrylmaýar. Şonuň üçin Baýramyň häsiýeti-de anyk duýarlykly formada köptaraply açylmaýar. Şeýlelikde, bu obraz monumental, köpugurly işlenen obrazyň derejesine ýetip bilmeýär. Powestdäki položitel personažlar Jemalyň, Gandymyň, Sazagyň şeýle hem Allamyrat, Sadyk ýaly baýlaryň häsiýeti doly açylyp görkezilmeýär. Amannazar aganyň häsiýetindäki özgerişler hem juda ýüzleý görkezilýär.

Obrazyň gowşak çykmagynyň, onuň häsiýetiniň doly işlenilmezliginiň ýene-de bir sebäbi, ýagny awtoryň powestde köp meselä degip geçmegidir. Şol meseleler bolsa gahrymanyň hereketinde aýdyňlaşdyrylmaýar. Tersine, olaryň köpüsi ýöne agzalyp geçilýär.

Şeýle-de bolsa, bu eser monumental durmuşy, sosializmiň ilkinji başlangyçlaryny monumental formada görkezmäge, türkmen sowet edebiýatynda gahrymanlaryň häsiýetini töwrekleýin açyp görkezmekde edilen ilkinji synanyşykdyr.

Otuzynjy ýyllarda türkmen sowet edebiýatynda durmuşy monumental formada görkezmäge, gahrymanlaryň häsiýetini köptaraply görkezmäge, şeýle hem taryhy tema çemeleşmäge-de uly synanyşyklar edilipdi. Bu synanyşyklar özüniň oňat netijesini hem beripdi.

N.Saryhanowyň «Şükür bagşy» powesti gahrymanyň häsiýetini köptaraply aýdyňlaşdyrmakda, gahrymanyň içki gapma-garşylyklaryny beýan etmekde uly waka bolupdy.

Ýazyjy bu powestinde türkmen edebiýatynda ilkinji bolup ynsan pähim-paýhasyny şer işiň garşysyna çykarýar. Elbetde, bu mesele ýeňil mesele däl. Şonuň üçin-de awtor özüniň bu ideýasyny durmuşa geçirmek üçin has çylşyrymly tema agtarýar. Köp gözleglerden soň onuňky şowuna bolýar.

Ol sazanda hem-de bagşy Şüküriň eýranly alamançylaryň eline düşen agasyny ýaragyň güýji bilen däl-de, dutaryň güýji bilen ýesirlikden boşadandygy baradaky rowaýata golaý gürrüňi eşidýär. Ine, ol şu temany-da powestiň baş temasy edip alýar.

«Bu waka, indi hasap edip otursam görsem, 1871-nji ýylda bolan

eken»27 diýip, awtor powestiň ahyrynda belleýär.
Powestde Şüküriň ilhalar bagşydygy turuwbaşdan gürrüň berilýär. Ony il sylaýar. Ol toýdan öýlerine ýetmänkä, başga bir toýa alyp gidýärler. Şüküriň aýaly bilen ýekeje gyzyny göresi gelip ýüregi üzülere gelýär. Emma il isleýän bolsa, ol nätsin. Bagşy, sazanda il adamsy.
Ine, şeýle günleriň birinde ol özüni öýüne zordan atýar. Emma öýde gyzjagazy bilen aýaly ýok. Diňe ýeňňesi bar. Olam haly harap bolup otyr. Şükür näçe sorasa-da torsarylyp, hiç zat aýdanok. Gaýta tamdyryň başynda çörek bişirişip ýören Bossana tutunan bolup, Şüküriň bagryna iňňe sanjylan ýaly sözler aýdýar.
« – J-an dogan, Bossan, indi oňa gelmek we gelip maşgalasynyň içinde oturmak ýokdur. Men onuň şeýle boljagyny, ozalam bilýärdim. Şonuň üçin-de ozalyndan aglapdym. Illeriň zyndana düşüp, ýene-de boşap gelýänleriniň dogany, aladasyny edýäni, elini nirä uzatsa ýetýän hossarlary bardyr. Hany onda ol zeýilli hossar? Ol ýerden ýeke çykanlaryň biridi ahyryn. Onuň aladasyny eder diýjegiň ýeke biri dälmi? Ol onuň aladasyny etmez, iliň içinde saz-söhbet edip ýörse, oňa şol besdir. Oňa doganam şoldur»28 diýip, Şüküriň öňem ýanyp duran ýüregine täze dert goşýar.
Şükür namysyň astynda galmazlyk, agasyny halas etmek barada agyr oýa batýar.
Obadaşlary Şüküriň agasyny pul ýygnap, ýa-da gylyjyň güýji bilen zyndandan çykarmak islände-de Şükür oýlanýar, ugur gözleýär. Ol ahyram özüçe ýol tapýar.
«Bagşy hem gyzdy:
– Onda siz meni öz ugruma goýberip görüň. Men şu «warak» dutar bilen agamy şol ýerden çykarmaga synanaýyn. Eger başaryp bilmesem, onda siziň diýeniňiz bolsun»29.
Şükür öz diýenini gögerdip, Mämmetýar hanyň ýanyna bir özi ugraýar. Bagşynyň ýoldaky oýlary, Mämmetýar hanyň ýanyna baranynda külli türkmen halkynyň, onuň saz sungatynyň mertebesini belende götermegi, Gulam bagşy bilen duşuşanda öz güýjüne artyk baha bermezligi, Gulam bagşynyň sarpasyny saklamagy, özüniň ähli mümkinçiligini orta goýup han bagşysyny

ýeňmegine getirýär. Şu ýerde Şüküriň dünýägaraýşy, onuň öz halkyna, onuň sungatyna bolan söýgüsi, adamkärçilik mertebesiniň belentligi, batyrlygy, özüne, tutan maksadyna bolan uly ynamynyň bardygy açylyp görkezilýär. Ýazyjy gahrymanyň häsiýetini, maksadyny içki oýlanmalary bilen aýdyňlaşdyrmaga aýratyn üns berýär. Şükür ýolda-da, Mämmetýar han bilen gürleşende-de, Gulam bagşy bilen saz çalyşýarka-da oýlanýar.

«Belki, men ýalňyşýan bolaýmaýyn? Obamyň batyrlaryny öýkeletdim. Olar bihal adamlar däldirler ahyryn. Oba olaryň agzyna seredýär. Men näme üçin olaryň diýeni bilen bolmadym. Olar hanyň kimdigini menden ýagşy bilýändirler ahyry. Kemakyllyk eden bolaýmaýyn?… Ýok, bu kemakyllyk bolup bilmez. Men agamy dutarym bilen azat etmelidirin. Şonda men onuň eden ýagşylygyny yzyna gaýtaryp bilerin. Dutar! Dutar gylyçdan zordur we zor hem bolmalydyr. Heý, dünýäde saz-söhbete ýetesi bir zat bolarmy? Bolmaz!»30 diýip, ýene-de bir gezek özüniň ädimini ölçeýär. Edýän işiniň iň adamkärçilikli tarapyny saýlap alýar. Adalatyň, sazyň ähli bet işleri ýeňjekdigine berk ynamy agasyny sazyň güýji bilen zyndandan çykarmaga oňa kömek berýär.

«Aýgytly ädim» romanyňyň baş gahrymany Artygyň häsiýeti bolsa Şüküriňkiden düýpli tapawutlanýar. Artyk etjek işi barada, onuň getirjek peýdasy, zyýany barada oýlanyp oturmaýar. Şonuň üçin-de hemişe gahary onuň pähiminden rüstem çykýar. Onuň Aşyr, Iwan Çernyşýew ýaly pähimli-paýhasly dostlary bar. Olar onuň ganygyzgynlygyny bilensoňlar, hemişe oňat maslahatlar berýärler. Emma Artyk olaryn maslahatyny alsa-da, ony tutup bilmeýär.

Ol Iwan bilen maslahatlaşman Eziz hanyň ýygynçagyna girýär. Eziz han ýeňilýär. Ýöne bu Artyga sapak bolmaýar. Ol ýene-de hiç kim bilen maslahatlaşman Aýnany alyp gaçýar. Türmeden gelenden soň ýene-de Eziz hanyň ýygynçagyna goşulýar. Biz köp ýerde Artygyň şeýle yňdarma häsiýetini synlaýarys, emma onuň Şükür bagşy ýaly öz äden ädimlerini, eden işini oýlanyp-döküp, ölçerip oturan wagtyny görüp bilemzok.

Emma Berdi Kerbabaýewiň «Gurban Durdy» powestindäki Gurbanyň

häsiýeti bilen Şüküriň häsiýetinde ýakynlyk bar.
Şükür il adamsy. Ol obadaşlarynyň, ildeşleriniň göwnüni aýdym-saz bilen almaga çalyşýar. Onuň sungatyna bolan söýgüsi diýseň uly. Şonuň üçin-de agasyny şol söýgüli sungaty bilen halas etmegi ýüregine düwýär.
Emma Hanyň bagşysy bilen dutar çalyşmagy, ony ýeňmegi aňsat düşmeýär. Ýöne hut türkmen halkynyň adyndan çykyş edýändigi baradaky oýlar Şüküri ýeňşe ruhlandyrýar. Ol türkmen halkynyň, yzynda galan Watanynyň, il-gününiň ar-namysyny ýere çaldyrmazlyk üçin elinde baryny edip göreşýär. Şeýdibem türkmeniň sungatyny, adyny-abraýyny belende galdyrýar. Şonuň bilen birlikde, iki tarapdan gyrlyşyk etmezden, gan dökdürmezden agasyny halas, edýär.
Şeýle adamkärçilik, ynsanperwerlik, azat zähmete, bagtly durmuşa bolan söýgi oba oglany bolan Gurbanyň hem esasy häsiýeti. Ol zähmeti, obany, obadaşlaryny, ýaşaýan durmuşyny söýýär. Şol durmuşy has hem gowulandyrmak üçin zarpçy zähmetini gaýgyrmaýar.
Ähli sowet adamlarynda bolşy ýaly, Gurbanda-da Watanyň üstüne uruş belasy abananda duşmana bolan gahar-gazap artýar. Ol öz islegi boýunça Watany nemes faşistik basybalyjylaryndan goramaga gidýär.
Ol nemes faşistik basybalyjylarynyň sowet topragyna, sowet halkyna nähili elhençlikler getirendigini gözi bilen görýär.
Şondan soň adam hemişe bagtly durmuşda, erkana ýaşamaly diýip pikir edip ýören ýigitde duşmana bolan çäksiz ýigrenç duýgusy döreýär. Şol ýigrenç ony eziz Watanyň üstüne çozan haýyn duşmany urmaga, olara garşy güýjüni gaýgyrman göreşmege ruhlandyrýar.
B.Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» romanyňyň döremegi öz döwründe häsiýeti köp taraply açmagyň uly mekdebi boldy. Romanda Artygyň we beýleki gahrymanlaryň häsiýetiniň köptaraply şeýle çylşyrymly häsiýetli gahrymanlary döretmäge köp ýazyjyny hyjuwlandyrdy.
Hydyr Derýaýewiň «Ykbal» romanyňyň döremegi bilen çylşyrymly häsiýetli gahrymanlaryň ençemesi peýda boldy, bu romanyň baş gahrymanlaryňyň biri bolan Berdi bilen Artygyň häsiýetinde

özboluşly meňzeşlik bar. Olaryn ikisi-de garyp, ikisi-de ölmez-ödi gün görüp ýaşaýarlar. Ikisinde-de baýlara bolan uly ýigrenç bar.

Garyplygy üçin, ýekeligi, hossarsyzlygy üçin Berdi baýlaryň elinde gaty köp horluga sezewar bolýar. Çyn ýürekden halaşýan söýgüli gyzy Uzugy zor bilen aýal üstüne baý ogly Amanmyrada berýärler. Bu bolsa Berdiniň baýlara bolan ýigrenjiniň has güýçlenmegine, olara garşy göreşe aýaga galmagyna sebäp bolýar.

Romanda Berdiniň häsiýeti monumental ýagdaýda, Uzuk meselesinde, Suhan gaty, Bekmyrat baýlar meselesinde açylyp görkezilýär.

Eserde onuň esasy häsiýeti Uzuga bolan söýgüsinde, Uzuk süýrelenden soň, ony daýylaryna alyp gaçýan wagty, türmä düşmegi, türmede «bürgüdiň» ýeňmegi, soň Bekmyrat baýyň gyzyny süýremegi, aňyrsonuňda Sergeýiň, Gylyçlynyň kömegi bilen rewolýusiýanyň ýoluna düşmeginde aýdyňlaşýar.

«Aýgytly ädim» romanyndaky Artyk ilki-ilkiler diňe oba baýlaryndan ar almak barada oýlanýardy. Berdi hem ilki özüniň esasy maksadyny söýgülisine ýetmekdäki göreşde görýär. Şonuň üçin onuň häsiýeti hem esasan şu meselä bolan garaýşynda aýdyňlaşýar. Emma eseriň ahyrynda Berdi hem edil Artykda bolşy ýaly rewolýusiýanyň soldaty bolup ýetişýär.

Beki Seýtäkowyň «Doganlar» roman-epopeýasyndaky monumental häsiýetli gahrymanlar hem bellemäge mynasypdyr.

Tankytçy Jora Allakow «Doganlar» romanyňa ýazan «Monumental prozanyň görnükli eseri» atly sözsoňy makalasynda Saparmyrat bilen «Aýgytly ädim» romanyňyň baş gahrymanynyň häsiýetiniň açylyşyndaky köptaraplylygyň tapawudyny deňeşdirmek bilen şeýle diýýär: «Olaryň durmuş derejelerinde-de, häsiýetlerinde-de, duýgy-düşünjelerinde-de, rewolýusiýa gelişi ýollarynda-da, başdan geçirýän wakalarynda-da düýpli aýratynlyklar bar, Olaryň her birinde şol döwürdäki türkmen zähmetkeş halkynyň belli-belli toparlaryna mahsus bolan sypatlar görkezilýär. Artyk romanyň başynda öz gününi ýykma-ýykylma dolandyryp ýören garyp ýigit. Saparmyradyň häsiýetinde agraslyk güýçli bolsa, Artygyň häsiýetiniň

ganygyzgynlyk tarapy has hem güýçli. Hut şol häsiýeti bilen birlikde Artygyň rewolýusion hem-de kontrrewolýusion güýçleriň maksatlaryna haýal göz ýetirip, onuň Eziz han ýaly reaksion güýjüň tarapyna aldanyp geçmegine sebäp bolýar. Şeýlelikde «Aýgytly ädim» romanynda Artygyň iki sany sosial güýjüň arasyndaky ikirjiňlenmelerine, ençeme ýakalardan soň, onuň hakyky göreş ýoluny tapyşyny görkezmeklige uly ýer berilse, «Doganlar» romanynda Saparmyradyň, Ýefimow, Şaýdakow ýaly professional rewolýusionerler bilen egin-egne berip alyp baran rewolýusion göreşlerine has giň orun berilýär.

Artyk Iwan Çernyşýew bilen wagtal-wagtal düşünjeler bilen ýaraglanyp başlasa, Saparmyrat rewolýusioner Ýefimow bilen bir ýerde işlemek arkaly rewolýusion düşünjesini ösdürýär!»31 – diýip dogry belleýär.

H.Derýaýewiň «Ykbal» romanyndaky Berdi, Sergeý, Gylyçly, Durdy, B.Seýtäkowyň «Doganlar» romanyndaky Saparmyrat, Ýefimow, Şaýdakow Kasym… ýaly häsiýeti köp taraply açylýan gahrymanlar «Aýgytly ädim» romanynda başga-da köp. Mysal üçin, Artygyň dosty Aşyr şeýle häsiýetli gahryman.

Artyk romanda Eziz hana goşulmak bilen ýalňyşýar. Ol türmeden dolanyp gelenden soň, soňuny ölçäp, oýlanyp oturman ýene-de öňki ýalňyşlygyny gaýtalaýar. Ýöne onuň dosty Aşyr welin ilki Eziz hanyň ýygynçagyna goşulsa-da, päleden dolanyp gelenden soňra öz ýalňyşlyklaryna düşünýär we rewolýusion işe Artykdan has ir goşant goşup başlaýar. Aşyr ilki Artyga görä sada görünýär. Ol Artyk ýaly ganygyzgyn bolman, esasan özüniň görýän gara güni bilen ylalaşýar. ýöne baýlar tarapyndan edilýän jebir-sütemler onuň hem sabyr käsesini doldurýar. Ol bije meselesinde Halnazar baýyň ýüzüne gelýär. Ýöne pälä gitmeli bolýar. Pälede bolsa rewolýusion taglymat bilen beýnisi oňat bekeýär. Şondan soň onuň rewolýusiýanyň işine wepalylyk häsiýeti doly formirlenýär. Ol rewolýusiýanyň wepadar soldatyna öwrülýär.

Aşyryň häsiýetiniň kämilleşmegi bilen ol rewolýusioner hökmünde göz öňümize gelse-de, eserde Artyga görä has az hereket edýär. Şonuň üçin-de onuň häsiýeti hem Artygyňky ýaly has çuňňur, köp taraply aýdyňlaşmaýar. Sebäbi Artyk bilen

deňeşdireniňde ol romanda az sanly garşylyga duçar bolýar. Eserde Mawy, Tyçenko ýaly položitel gahrymanlaryň häsiýeti hem köptaraply işlenilýär.
«Aýgytly ädim» romanyňyň döremegi bilen häsiýeti köptaraply işlenilen položitel gahrymanlaryň uly toparynyň emele gelendigini öňde belläpdik. Şonuň bilen birlikde, romanda häsiýeti köptaraply açylýan, aýdyňlaşýan, otrisatel tipleriň döredilmegi hem türkmen sowet edebiýatynda uly waka bolupdy. Çünki Halnazar baý, Eziz han, Mämmetweli hojam, Babahan arçyn, Gullyhan, Hojamyrat wolostnoý, Bally ýaly häsiýeti şeýle çuňňur, köptaraply işlenilen tipler türkmen edebiýatynda henize çenli döredilmändi.
Dogry, «Zöhre-Tahyr» dessanynda Babahan, Gara Çomak, «Şasenem-Garypda» Şaapbas, Abdylla wezir, «Hüýrlukga-Hemrada» Ziwer, Huşryt, «Görogly» eposynda Hüňkar, Zeýnel kempir… ýaly otrisatel tipler bar bolsa-da, olaryň häsiýeti «Aýgytly ädim» romanyndaky tipleriňki ýaly çuňňur, köptaraply açylmaýardy.
Bu romanda otrisatel tipleriň häsiýetini hut Artygyň gatnaşmagynda has giňden açyp görkezmäge uly synanyşyk edilýärdi.
Şeýle tipleriň biri bolan Halnazar baý päle meselesinde Artyk üçin-de bije çekdirýär. Sebäbi ol Artykdan çekinip başlaýar. Bir tär bilen ony obadan has daşlaşdyrasy gelýärdi. Şondan soň ol ikisiniň arasynda şeýleräk gürrüň bolýar.
– Artyk, biz bu gün eminler bolup pälä gitjek adamlar barada bije atdyk. Seni meň öz üstüme aldym. Bäş bijäni tutduk. Seniň hanym… bijäň galdy.
Artyk aýylganç sypat bilen Halnazara çiňňerildi.
– Mensiz nähili bije atyp bilýärsiňiz?
– Wagt gyssag boldy. Seniň bijäňi Pökgi emin tutdy.
– Meniň bijämi menden başga hiç kim tutup bilmez!
– Beýle däl, hanym, bije atylyp gutaryldy.
– Men ol bijäniň üstüne tüýkürýärin.
– Artyk, sen hanym, oglan-uşak däl. Düşünýänsiň wagt gyssag. Bizi gowrup-gysyp barýarlar. Päläniň aňsat däldigini menem bilýän. Şeýle-de bolsa, sen, hanym, mert atanyň oglusyň, mert bolmagyň gerek»32.

Şu epizoddan Artygyň birsözlüligini, Halnazaryň hile-gärligini duýmak kyn däl. Artyk ganygyzgyn, soňuny saýmaz görünse, Halnazaryň «hanym» diýip gürlemegi onuň häsiýetindäki ikiýüzliligi, özüniň hilegärligini gizlemek üçin her hili peselmekden gaýtmajakdygyny açyp görkezýär.
Halnazar hemmelere beýle şelaýyn sözler bilen ýüzlenip duranok.
«Gyssanmaç baran Umsagül patyşanyň ýykylan habaryny mälim edende, Halnazaryň owurtlan çaýy bogazyndan geçmedi.
Ol, gara basan ýaly, gabagyny galdyryp bilmän, sortduryp oturdy. Ondan soň, agyr ýük astyndan sypan ýaly haşlap, Umsagüle çiňňerildi, gazap bilen dalady.
– Sen, gyrnak, neme samahullaýasyň? Diliň aýdanyny, seniň gulagyň eşidýämi? Akmak heleý, şol ýürek bulaýjy sözüň üçin seni dardan asarlar?
Halnazaryň abyr-zabyry Umsagülüň sussuny basdy. Ol aljyrady, hiç wagtda şatlygyny, gaýgysyny saýgartmaýan gara ýüzüne ölüm howpy ýaýyldy, dili tutuldy, sakanaklady.
– B-baý aga, men… men gynanjymy saňa bildirmek isledim.
– Sen, murdar gyrnak, it aýagyny iýen ýaly ygýarsyn! Sen nirede bir şum habar bolsa, şony tapýarsyň!.. «Artyk Halnazaryň agzyna goýupdyr» diýip samahullan sen dälmi? Sen, ýaly menden iýip, üýrende başganyň haýryna üýrýärsiň? Nädersiň, şu duran ýeriňde ýere sokaýsam!
Umsagülüň gany gaçan, gara dodaklary müňküldejek bolanda, Halnazar onuň önüni gabzady.
– Sem bol, gyrnak!»33.
Ine, şu epizodda Halnazaryň ezijilik, hökümlilik, ejize ganymlyk häsiýetleri çuňňur açylýar. Ol birinji mysalda Artykdan çekinip, «hanym» diýýän bolsa, Umsagüle «gyrnak», «murdar gyrnak» diýip adama iň bir peseldiji sözleri aýtmaga çekinmeýär. Sebäbi özüniň bu garry aýaldan rüstemdigine, güýçlüdigine düşünýär. Şonuň üçin ol özüniň hökümdarlyk häsiýetini gizlejegem bolup durmaýar. Mundan başga-da ak patyşanyň tagtyndan taýmagy baradaky habar baýyň ýüreginden ok bolup geçýär.
Gahrymanyň häsiýetini çuňňur, köptaraply açmakdaky ussatlygy

B.Kerbabaýewe birden gelmändigini ýokardaky mysallarymyzda görüp geçdik. Elbetde, şeýle çuňňur obrazlary, häsiýetleri ol esasan durmuşdan susup alypdy.
Bu barada ýazyjy şeýle ýazýar. «Meniň döreden eserlerimiň arasynda iň gowragy «Aýgytly ädim» bolsa gerek. Şol bolsa doganlyk edebiýatlaryny, ylaýta-da rus edebiýatyny köp okanymyň, öwrenenimiň netijesimikän öýdýän. Men Gorkiniň, Tolstoýyň, Şolohowyň eserleriňi terjime etdim. Olaryň öz obrazlaryna nähili gylyk berýänlerine, kompozisiýany nähili düzýänlerine aýratyn üns berdim. Dogrusyny aýtsam, şeýle çeper eserleriň üsti bilen edebiýat uniwersitetini geçdim»34.
Hakykatdan-da ýazyjynyň Gorkiniň «Ene» romanyňy, Tolstoýyň «Hajymyradyny», Woýniçiň «Owodyny», Şolohowyň «Göterilen tarpyny…»35 terjime etmegi häsiýet döretmekde, obrazy köptaraply işlemekde özboluşly ussatlyk mekdebi bolupdy. Şonuň bilen birlikde, şol dünýä belli eserleriň gahrymanlaryňyň häsiýeti B.Kerbabaýewiň gahrymanlaryňyň häsiýetine-de özboluşly täsirini ýetiripdi.
Munuň özi ýöne ýere däldi. Oktýabr rewolýusiýasyndan öňki döwür türkmen edebiýatynda häsiýeti şeýle çylşyrymly, durmuş hakykaty bilen utgaşdyryp, köptaraply açyp görkezmekde nusga alar ýaly gahrymany bolan eser ýokdy. Şonuň üçin hem rus edebiýatyna, dünýä klassik edebiýatynyň iň gowy eserleriňe ýüzlenmek hakyky zerurlyk bolup durýardy.
Sebäbi şol eserlerdäki gahrymanlaryň häsiýetinde agyr durmuşda güzeranyny zordan dolaýan türkmen daýhanynyň ykbaly, häsiýeti bilen nähilidir bir utgaşma bardy. Mysal üçin, beýik proletar ýazyjysy M.Gorkiniň «Ene» romanyndaky Pawel Wlasow bilen Artyk Babalynyň ykbaly, durmuşy, gelip çykyşy we zähmetkeşleri eziji synpa bolan ýigrenç we gazap biri-biriniňkä meňzeş we ýakyn.
Paweliň kakasy Wlasow gara gününi zordan dolandyrýan işçi. Gara gün, agyr zähmet, ýeter-ýetmez durmuş, ölmez-ödi güzeran onuň başyna ýetýär. Onuň ogly Pawel hem ederini-eýlärini bilýän ýigit däl.
«Atasy ölenden bir-iki hepde soň, ýekşenbe gününde Pawel Wlasow öýlerine lüt pýan bolup geldi. Ol entirekläp öň burça geçdi we atasynyň edişi ýaly, ýumrugy bilen stoly urup,

enesine:
– Nahar ber! – diýip gygyrdy.
Enesi baryp onuň ýanynda oturdy we ogluny gujaklap, onuň kellesini bagryna basdy. Pawel elini onuň egnine diräp, garşylyk görkezýärdi hem gygyrýardy:
– Enejan, tiz bol…
Enesi ony köşeşdirip:
– Sen-ä bir samsyjak ekeniň! – diýip gamgynlyk hem mylaýymlyk bilen aýtdy.
– Men çilimem çekjek! Maňa atamyň şybygyny ber… – diýip, Pawel dilini zordan hereketlendirip samrady»36.
Pawel eseriň başynda öz kakasyna meňzejek bolýar. Emma öňde baryjy rus işçileriniň täsiri bilen düýbünden başga ýoly saýlap alýar. Rewolýusion göreş ugrundaky gürrüňler, syýasy agşamlar, rewolýusion pikirli işçiler bilen ysnyşykly gatnaşyk diňe bir Paweli däl, onuň ejesi Pelageýa Nilowna hem täsirini ýetirýär. Eneli ogul kem-kemden rewolýusiýanyň ähmiýetine düşünýärler we rewolýusiýanyň soldatyna öwrülýärler. Ony ençeme gezek türmä atýarlar. Emma ol öz tutan maksadyndan dönmeýär.
Öňde görüp geçişimiz ýaly, Artyk hem rewolýusiýa bada-bat gelip goşulanok. Onuň geçen ýoly ýalňyşlyklardan doly. Emma ahyr soňunda ol hem rewolýusiýany goramaga aktiw gatnaşýar.
Häsiýeti köptaraply, çuňňur, durmuşyň dartgynly wakalary bilen baglanyşykda açyp görkezýän monumental obrazlary döretmekde rus sowet ýazyjysy M.Şolohowyň hem bitiren işleri diýseň uludy. «Göterilen tarp» romanyndaky Semen Dawydow, Makar Nagulnow, «Ýuwaş Don» romanynda Grigoriý Melehowyň we beýlekileriň monumental obrazlary dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna giripdi.
Artyk Iwan Çernyşýewiň täsiri bilen rewolýusion ýoluna bada-bat düşüp biljek. Emma dürli sebäbe görä ol Eziz hanyň ýygynçagyna goşulýar. Soň türmeden dolanyp gelenden soň hem öňki ýalňyşyny gaýtalaýar. Gyzyl Goşunyň tarapyna-da has giç geçýär. Şeýle ýagdaýy Grigoriý hem başdan geçirýär. Ýöne şeýle ýalňyşlyklar, durmuşyň gaty köp garşylyklaryna duş gelmegi Grigoriniň-de Artygyň-da obrazynyň şeýle çuňňur işlenmegine,

häsiýetleriniň köptaraply açylmagyna getiripdir.
«Aýgytly ädim» romanynda Artygyň häsiýetindäki ýaşlyk hyjuýy, durmuşa bolan söýgüsi, arzuwy köplenç Aýna bilen gatnaşykda açylyp görkezilýär.
Şu ýerde aýal-gyzlaryň häsiýetini çuňňur işlemekde, olaryň obrazyny köp garşylyklar bilen utgaşyklylykda açyp görkezmekde hem ýazyjy Berdi Kerbabaýewiň uly hyzmat bitirendigini bellemek gerek. Çünki «Aýgytly ädim» romanyndaky Aýna ýaly häsiýeti çuňňur, köptaraply açylyp görkezilýän aýal-gyz obrazy türkmen edebiýatynda henize çenli döredilmändi.
Aýna oba gyzy. Romanda Artyk bilen ilkinji duşuşanda onuň türkmen gyzyna mahsus bolan sadalygyny, päkizeligini, asyllylygyny görýäris.
« — Aýna, näme jogap bereňok? Ýa-da meni ýat hasap edýäňmi?…
— Ýok-la oglan — diýip, elini agzyna tutdy…
— Aýna, oglankak oýnaýanymyz ýadyňa düşýärmi? — Aýna ýylgyryp başyny aşak saldy. Artyk dowam etdi.
— Meniň-ä, ýatsam-tursam ýadymdan çykanok. Hatda düýşüme-de girýär. Seniň bilen kowalaşýan.
— Wiý, bu oglanyň aýdyp duranyny?..
— Indi başga hili oýun ederin. Birdenkä duýdurman gelerin… Näzik ak gollaryňdan mäkäm tutaryn.
Aýna oňa jogap gaýtarman, beýlesine aýlandy.
— Bä-ä, bu oglany…
— Ondan soň…
Aýna pişegini oýnady,
— Ondan soň… hawa, ondan soň… ogşaryn.
Aýna pessaý ses bilen «hih!» edip tisgindi-de, derrew pişegine ýapyşdy. Artyk ugrandan soň Aýna uludan dem aldy. Onuň soňky sözi Aýnanyň endamyny jümşüldetdi. Ol, göýä elinde el yzy galan ýaly bolup, ak gollaryna göz gezdirdi.. Ýaňaklaryny bir hili gyzýan ýaly syzyp, ýumşak eliniň aýasy bilen sypap gördi…»37.
Aýnanyň edim-gylygy, gepi-sözi, görk-görmegi onuň ruhy sadalygy bilen, ýönekeý häsiýeti bilen utgaşýar. Ol owadanlygy bilen, eliniň çeper işi bilen beýleki oba gyzlaryndan has tapawutlanýar. Hut şonuň üçin-de Halnazar baýyň ogly Bally

öňki aýalynyň ganyna galyp, Aýna öýlenmek isleýär. Şeýle dartgynly ýagdaý Aýnanyň häsiýetiniň köptaraply açylmagyna mümkinçilik, döredýär.
Aýna näçe sada, näzik bolsa-da özüniň beren sözüne» mukaddes söýgüsine wepaly bolup çykýar.
Halnazar baýlar Umsagüli Meret agalara Aýna üçin sawçylyga iberýärler. Bolan gürrüňi ol jigisi Sonadan eşidýär. Şondan soň: «Aýna pyçak urlan ýaly tisgindi. Sonany nähili itekläp goýberenini hem duýmady, bir minutlap dünýäni unutdy. Birdenkä bolsa gyzgyn gan beýnisine urup, gara gözleri ýalpa açyldy, keserini eline alyp, gapa bakan çiňňerildi-de, kime diýýänini-de anyklaman:
— Satdyrman! — diýdi»38.
Aýna şeýle karara gelse-de, naçarlygyny edip ejeligi Mama ýalbarýar. Mamanyň pul, zat diýip ölüp-öçmegi, Meret makulyň oňa sesini çykarmazlygy, Artygyň pälä gitjekdigi baradaky habar ony oda salýar. Şondan soň Artyga gowuşmak baradaky umyt ony her hili kynçylyga taplaýar. Ol Artyk bilen gaçmaga razy bolýar. Emma ol ele düşýär. Ýöne Aýna Ballynyň, ejeliginiň öňünde ejizlemeýär.
— Hany ýoldaşyň?
Aýna özüni tutdy. Onuň gözleri köz bolup ýandy.
— Ýoldaşym ýok!
— …Kim gel diýdi?
— Özüm geldim…
… — Ine aýtmasaň!
Gamçy Aýnanyň çabytsyz, köýnekçe endamyna şarpyldap degdi. Belki onuň degen ýeri tasma ýelmenen ýaly somalyp galandyr. Emma Aýna «wah» hem diýmän, Balla gaňyrlyp seretdi, gazaply gözlerinde çyg hem görünmedi.
— …Etimi dogram-dogram edip, itiň öňüne atsaň-da menden jogap almarsyň! Men siziň ýaly itiň goýnuna girenimden, ýeriň astyna girenimi müň esse gowy görerin!..
Aýnadan jogap alyp bolmajakdygyny, onuň dilini kesäýmeseň duzlajakdygyny aňan Bally atyň üstünden eglip, onuň golundan tutdy.
— Mün syrtyma!

Aýna elini silkip alyp dazaryldy.
– Seniň syrtyňa it münsün!»39.
Şondan köp wagt geçmänkä ol ýene-de Artyk bilen gaçýar. Emma ýene-de ele düşýärler.
Aýnanyň häsiýetinde şeýle mertligiň, wepalylygyň jemlenmegi, gaýduwsyzlygyň kemala gelmegi ýöne ýerden bolman, eýsem bu Oktýabr rewolýusiýasyndan öň malça-da görülmedik türkmen gyzlarynyň şol wagşy, adalatsyz durmuşa özboluşly protestidir. Bu alamat aýal-gyzlaryň şeýle elhenç günden juda irendigini aňladýar. Aýnada hem hut şeýle häsiýet emele gelýär, ol Artyga gowuşmak üçin ölüme gitmäge-de taýýar.
Şeýle wepalylyk «Görogly» eposyndaky Agaýunusda-da bar. Agaýunus hem Görogla aýal bolmak üçin ilinden, ata-enesinden geçip gelýär. Ol Göroglynyň diňe bir aýaly bolman, ýakyn maslahatçysy, çyn hossary bolýar. Ol  Göroglynyň hut ahyrky demine çenli bile ýaşaýar. Diňe Görogly rugsat berenden soň, öz iline gidýär.
Dogry, bu obraz türkmen halkynyň wepaly, owadan, akylly aýal baradaky arzuwy. Şonuň üçin-de Agaýunus durmuşda hiç hili garşylyk görmeýäor. Onuň diýeni bolýar, dyrnagyna seretse boljak zatlary bada-bat öňünden görýär. Onuň häsiýetindäki esasy aýratynlyk ine şular.
Emma Aýna Agaýunus däl. Görüp geçişimiz ýaly, ol gaty köp garşylyga sezewar bolýar. Gaty kän kynçylyk görüp, Artyga gowuşýar. Okyjynyň gözüniň alynda onuň häsiýeti köptaraply açylýar we taplanýar. Näzik, sada gyzlygynda mert, gaýratly, wadasyna wepaly maşgala öwrülýär.

(Dowamy bar)… Edebiýaty öwreniş